# Gargyş mama / hekaýa

Category: Ertekiler,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gargyş mama / hekaýa GARGYŞ MAMA



…O görgüliniň birwagtky ady, hakyky ady, enesiniň, atasynyň yşk edip dakan ady – Garagaşdy.
Adyňa bir degmeseler!
Asyl oňa bir eýýämden bäri Gargyş mama diýip ýören bolsalar nätjek!

Adamsy murtuny towlap, üstünde aýlanyp ýörkä, diýdirermidi şony? Diýdirmezdi!
Ogly ogul şekilli bolsa, diýdirermidi?..
Är diýeniň öldi gitdi, ogul diýeniň göçdi gitdi, Garagaş görgülem Gargyş mama boldy-da galyberdi.
…Günlerde bir gün Garagaş ene obanyň aňyrbaşyndaky bir bendäniň patasyna gitdi. Bardy, oturdy, aglady. Aýal ähliniň edişi ýaly, öz ölülerini ýatlap aglady. Ondan gelibem, yrym boýunça, şol ýas ýerine atynyp giden gyňajyny başyndan aýyrdy-da, öýe salman, goňşusy bilen aralykdaky tut agajynyň şahasyndan asyp goýdy. Soň birzaman daş çyksa, hälki gyňajyň deň ýarysy, göle çeýnän ýaly towlam-towlam, işim-işim, tüýdüm-tüýdüm bolup, ýerde ýatyr. Göle çeýnän ýalam däl-de, hakyt ol çeýnäpdirem. Goňşularynyň gölesi! Anha, beýleräkde dur özem, ýalmanyp.
Ýekeje gyňajyndan el ýuwan Garagaş ene şonda goňşularynyň sygyr ýatagyna garap, gaharyň badyna, bar topuny boşatdy. Ýaňky göläniň ýaňy çykan dişlerinden başlap, entek çykmadyk şahlaryna çenli palta bilen kakdyrdy, gapyrgalaryny şagallara sökdürdi, aýaklaryny üç-dört ýerinden jorta-jorta döwdürdi, bagryny gurtlara, galan iç-goşlaryny itlere berdi, hamyny Güne serdirdi.
Şondan dört-bäş gün ýa geçendir – ýa geçen däldir, goňşularynyň ilk-ä hälki gyňaççy gölesi gurruga gaçyp öldi, onuň yz ýanyndanam ýapy ýaly sygry ýatagyndan öli çykdy.
Garagaş enäniň ýanyp-ýanyp diýenlerini bir çetde diňläp otyrka, onuň ýanyna baraga-da, «Ene jan, bagyşlaweri! Haýwandyr-da! Men seniň şol gyňajyň ýerine başgasyny alyp beräýerin. Ýöne goňşy arasynda öýke-kine edişmäli!“ diýmäge gaýraty çatmadyk goňşusy, sygrydyr gölesini gömen badyna, aýaga galdy. Baryp, Garagaş enäniň agzynam goýmady, burnunam, dilinem goýmady, damagynam. Garagaş ene-de jogap hökmünde, «ölsün – gyrylsyn – ýykylsyn – ýumrulsyndan“ üç-dört sanysyny çenäp bir goýberdi welin, goňşusy pahyr öýlerine ýetmänkä, ýüreginden tutup, tas sygrydyr gölesiniň yzyndan ugrapdy. Şondan soň, goňşusy iki elinem galdyrdy, oturan-turan ýerinde-de Garagaş enäniň «tarypyny“ ýetirdi.
Biraz wagt geçdi. Garagaş enäniňem gyňaç ýarasy bitişip, gahary ýatyşyp ugrady. Gahar etjegini edip gidensoňam, näme, bir ýerden akyl bilen ökünç tapylar. Tapylar-da, ikisi iki ýerden igeläp, atаň bermedik öwüdini berip ugrar:

«Eýtmeli däldiň! Häk, beýtmeli däldiň!“
Garagaş ene-de şol igäniň ejirine çydaman, «Wah, men guraýyn, şu şaltaky dilim gurasyn… Bir artyp galan gyňaç üçin munça tüpgen turuzdym… Wah, şu gahar gursun! Atlanman geçen jynym atlanaýdy-da birden… Ýeri, jynym atlandy diýip, senem atlanybermeli däl-ä derrew… Elbetde, ol dişi kakylmyş göle bilen sygyr janawaryňam ezelinde boljagy şeýledir welin, ýöne hamana, meniň gargyşym tutan ýaly boldy-da, galyberdi-dä. Gow-a bolmady! Ýa entegem baryp, goňşulardan ötünç-sötünç soraýsammykam?!“ diýip ýörkä, goňşusy iki mellegiň aralygyndan ýyldyz boýy pagsa haýatgaldyryp ugrady. Garagaş ene-de «Häý, haýatyň üstüňe ýykylsyn!“ diýdi-de, ötünç soramak pikirinden el çekdi.
Şol arada-da başga bir obadaş aýal munuň ýanyna gybata geldi. Onuňam baş ýagysy – goňşusy, goňşusynyňam bir kelek geçisi bilen towuklary eken. «Edil meniň bir ýere çykarymy peýläp otyrlar-da! Çykdygym – gutardy, mellegi edil çekirtge çozan ýaly edýärler. Ol haram ölmüş geçisiniň dagy agzyny urýan ýerlerine meniň elimem ýetmeýä, erigiň-şetdalyň çür başyny çürtüp gidýä, ynanjakmy?! Towuklaram, hamana, meniň mellegimde gyzyl gömlen ýaly, gyzyl-dörjük edip çykýarlar. Men-ä indi göçüp gitmäge uwnandyryn, jan Garagaş ene!“ diýip, ýaňky aýal şeýle bir zeýrendi. Garagaş ene-de munuň halyna şeýle bir gynandy, şeýle bir gynandy welin, şol kelek geçidir açgöz towuklara çyny bilen gargynyp ugranynam duýman galdy. Obadaş aýal birhili begenip gitdi…
Soň bäş-on güni geçirip, şol aýal ýene geldi. Geçi diýlen-ä, şeýtan gatançly bir jandar bolansoň, oňa döw çalmandyr welin, goňşusynyň towuklarynyň bäş-üç sanysyna çommaltma degäýse näme!
– Wah, boldy şo, Garagaş ene! Taňryýalkasyn! Ýagym bir şo haram geçi bolsa, men oňuşjak-la, dagy alaç tapmasam, tutup daňyp goýaryn… Sag bol!
Garagaş ene özüne taňryýalkasyn aýdylýanyna geňirgense-de, ýaňky aýalyň ullakan bir möhümi biten ýaly bolup gelip-gitmesi garra ýakymly degdi.
…Ine, şol wakalardan soň, Garagaş enäniň horaşaja öýüniň birden gelim-gidimi artdy. Öňler uzakly gündür uzyn gijeleri ýeke özi öz gamhanasynda içini hümledip geçirýän garrynyň indi ýüregini gysdyranoklar, biri gitse, biri gelýär. Käbiri bukdaklabrak gelip, ýaýdanybragam arzyny aýdýar. Käsi welin,

göni gelýär-de, gönüläbem:
– Şo pylana bir gargap bersene, garry! – diýýär.
Onuň ýalylary Garagaş ene boş gaýtarýar. Sebäbi, onuň öz ýanyna zeýrenip gelýän bendä halys ýüregi awamasa, gargalmaly adama-da gaty gahary gelmese, bolanok. Gargyş üçinem ylhamyň joşmagy gerek eken. Bir joşandan soň welin, döwler dursun Garagaşyň öňünde…
Ol kiçijikliginden, gelşirip-gelşirip, keşdeläp-keşdeläp gürlemäni gowy görerdi. Hem ertekini halardy, hem ertekilerdäki ýaly bir gudrata garaşardy. Özi aýdyp, özi ynanardy. Symrug guşmusyň, Bilbilgöýämisiň, Mämmetjanmysyň, Ejekejanmysyň, hazynaly hummusyň, jadyly ýüzükmisiň… ertekide kän-ä!
Emma, hiç birem bolmady. Ýetmiş-segsen ýyllap bolmadyk gudrat indi nireden, haçan bolsun! Oňa garaşmaga indi höwesem ýok, wagtam.
Onuň keşdeläp gürlemek höwesini welin, hiç zat öldürip bilmedi. Gargyşyň başam, belki, şondadyr. Gowy sözleri gelşirip-gelşirip aýdyberseň, goşgy bolýar, erbet sözleri şeýdiberseň, gargyş bolýar. Şonuň üçinem, «Iki söz – bir jady“ diýlen duýduryş bar! Ol gowy sözlere-de, ömürboýy gudrata zar bolşy ýaly, zar bolup gezdi, emma gowy sözleriň baryny adamsy özi bilen alyp giden eken. Bir şol diýerdi käte…
Erkek adama ömründe bir gezek „Seni gowy görýän!“ diýilse, ýeterlik. Emma naçaryň welin, ýedi ýaşlysyndan ýetmiş ýaşlysyna çenli muny günde aýdyp durmaly. Sebäbi, olar gulakdan semreýär, göwündenem garraýar. Aýal maşgalanyň dilini tapmagyň ýene bir şerti – ony diňlemäni başarmaly. «Aýallary gürletmäň müň dürli usuly bar, emma olary dymdyrmaň welin, ýekeje usulam ýok“ diýipdirler. Şonuň üçinem, olary diňe diňläýmek galýar. Asla-ha, göwnüňe bolmasa, aýallar diňletmek üçinem däl-de, diňe gürlemek üçin gürleýän ýaly. Iküç aýal ýolda duşsa, bolmanda, ýarym sagatlap gürleşerler welin, emma birem beýlekisini diňleýän däldir, bary birden gürleýändir. Soň öz-özlerinden göwnühoş bolubam, aýrylyşarlar.
Adamsy ýogalansoň, Garagaş enäni bir adam şekilli diňlänem bolmady. Ilki-ilkiler ýanynda ogly bardy, soň o-da bir gylly kelläni getirdi-de, bar syrdaşy şol boldy. O gylly kelläňem gulaç boýy dili bar. Özem bu öýe gele-gelmäne, gel-gel, Garagaş enäni gepde basjak bolup ugrady.
Garagaş enäniň bir ýasyja gapyrjagy bar. Şol gapyrjakdanam

käte bir düwürjik süýjüni agzyna atyp, dişsizje agzyny oýmuldadyp, çaý içmesi bar. Çaýy gutaryp, süýjüsi gutarmasa-da, o galanja süýjüni gapyrjaga ataýýar. Şonuň üçünem, onuň gapyrjagy mydama süýjüli. Ana, şony görüp, ol-bu «Tüweleme, seniň gaýynyň entegem süýji-püýjüni dişlemäge ysgyny ýetýär“ diýse, gelni tumşugyny towlap, «Äý, oň agzyna daş atsaňam, erejek!“ eden bolýarmyş. Garagaş ene-de alaga-da, bir gezek onuň öz agzyna zäk atyp goýberdi. Dogry-da, tapdyň bärde…
Bu ikisiniň söweşinde iki tarapa-da birden ýesir düşen Garagaş enäniň ogly boldy. Ejesiniň tarapyny çalsa, «Ejemogly“ boljak, aýalyny goldasa – «aýal guly“; görmedikden, eşitmedikden bolup otursa-da, «nalajedeýin“ diýiljek. Iň soňda-da, ol «Heleýjigim – golaýjygym“ diýlenini etdi-de, aýalynam ýanyna alyp, gumda dörän täze bir posýologa göçdi gitdi.
Ene-atasy, deň-duşy, ýanýoldaşy, ogul-gyzy ýanyndaka, adamyň uzakdan-uzak ýaşasy gelýär. Emma, olaryň birem bolmasa, şonda nätmeli?
Oglunyň ýanynda-ha, ýadam bolsa, odam bolsa – gelni bar. Garagaşyň kimi bar?
… Öň Garagaşyň edil aýdym ýaly alkyşlaram bardy. Kändi:
– Maňlaýyň gülsün, gyzym!
– Ak gyz ýoldaşyň bolsun, oglum! Birinji gün garap goý, ikinji gün ýalap goý…
– Gursagyňa ak gyllar bitsin!
– Saçyň saýy ýaşyň bolsun!
– Üzümiň goly ýaly, çaýryň köki ýaly, ýazylyp-ýaýrap, köpelip gidiň!
– Ýedi sany ogluň bolsun, içinde biri han bolsun, saçagy doly nan bolsun!
– Öýüňde gazan doly aş bolsun, ýassyk dolam baş bolsun!
Emma, bu alkyşlara ynananam bolmady, begenenem. Diýýämisiňem diýmediler.
Onsaňam, mydama alkyş aýdyp oturara depen ýeriňden sebäp tapylyp durmy! Soň, ynha, bir öwrümde, bir gaharda Garagaş ene alkyşdan gargyşa geçdi oturyberdi:
– Häk, ýaşyňa ýandak gögersin, ylaýym!
– Depäňde ak baýdak dikilsin!
– Ýyly ýaka eliň girmesin! Gasygyň gasyga degmesin!
– Sakgalyň agarsa-agarsyn, ýakaň agarmasyn!
– Gapyňy ýel açyp – ýel ýapsyn!
– Iňňe bilen gazan guýýň kör çyksyn ýa şor çyksyn!

– Agzyňy it ýalasyn!
– Diri bolup – törde oturma,
Öli bolup – görde otur!
– Düýşüňe-de, düşegiňe-de ýylandan başga zat girmesin, mylaýym!
… Şundan soň Garagaş enäniň sözüniň agramy, özüniň abraýy artma bilen boldy. Şondan soň ony horlatmadylar-da, hormatladylar. Öň onuň öýüniň depesinden kirşen ýagdyryp geçýän motorly oglanlar näme, şolaram indi bu deňe gelenlerinde, pyýadadan ýuwaş sürýärler.
Öň Garagaş enäniň entek aýatda barmy ýa ýoklugyndan bihabar adamlaram indi onuň agşam haçan ýatyp, ertir haçan turýanlygyny, günortan näçeden näçä çenli pinekläp, çaý içýänligini sagatma-sagat, minutma-minut bilyärler. Birden ýalňyşyp, garry turmanka geläýselerem, bir-birine «Çüş-de-çüş!“.
Ýolda-yzda pyýada barýanyny görseler, iküç maşyn birden durýar:
– Mün, Garagaş ene!
Iýjek-içjeg-ä belli üstüne gelip dur.
Ýazyjy-şahyryň galamhakysy-ha beýlede dursun, toýlarda bilini üzere getirip, uzak gije aýdyma gygyrýan tamdyraly bagşynyň muzdam onuňkyça ýa bardyr, ýa ýokdur. Bar etmeli işem: «Bir gargap bersene!“
Diňe Kyýas bilen Ýazhan ikisiniň başy dik bolup dursa-da, Garagaş ene ajyndan ölmeýär, işsizem galmaýar… Birwagt bularyň biri bir kiçijik edarada uly başlyk, beýlekisem şol edarada baş hasapçy bolup işläpdir. Şonda biriniň göwnüne beýlekisi özünden köpräk iýýän ýaly bolup görnüpdir. Görlüp oturylsa, beýlekem ol hakda şeýle pikirde eken. Soň olar gezek-gezegine öz pikirlerini degişli edaralara ýazyp ugrapdyrlar welin, bularyň ikisinem işden boşadaýypdyrlar. Şondan bärem ol ikisi bir-biriniň üstünden arza ýazyşyp gelýärler. Ilki-ilkiler-ä deňeçerräk gidişýärdilerem welin, soň Ýazhan hormatly dynç alşa çykyp, elini boşatdy-da, aýgytly bir hüjüme geçdi. Asyl, Kyýasy aly-y-yp barýar. Soň Kyýasam mejbury ýagdaýda hormatly dynç alşa çykmaly boldy. Ýogsam, Ýazhan ony hormatly dynç alşa ýetirjek däl… Kyýasam elini boşadansoň, jeň meýdanyndaky ýagdaý birneme deňleşip ugrady.
Täzeden bärem bu ikisi gezek-gezegine, bir-birinden hem ilden ogrynça Garagaş enäniň ýanyna gatnaýarlar.

Ýa-da, ynha, Hantäç garry! Garagaş ene heniz gelinkä-de, Hantäç hasaly hassady, görenler «Bu dünýälik däl bu-ýä!“ diýerdi. Ýöne şony diýenler öldi gitdi, Hantäç garry welin entegem ýaşap ýör, özem şol hassalygy, şo hasasy, şo gürrüňi:
– Wah, Garagaş, nädeýin… Ýatsam ýanym agyrýa, tursam – aýagym. Gülsem, aşgazanym agyrýa, aglasam – ýüregim. Gürlesem, başym agyrýa, gürlemesem, bagrymyň başy awap dur. Nädeýin… Üstesine, şu poçtaçy ýerçekeniň derdinden pensiýämem alyp bilemok. Haçan sorasaň, «Pul ýok!“. Nädeýin… Şony bir welsepidinden ýykyp, galmaz ýaly etsene! Pensämi alsam, boş goýmaryn…
Hä-ä, ojagaz Mydar poçtaçymydyr? «Şü Garagaş ene-de «Gargyş“ atly bir kapratiw açyp, eline hat alaýsa, onsoň hiçiňiz onuň ýele ýanyndanam geçibilmeýäňiz“ diýip, ili güldürenem bardyr entek o ýerçekeniň…
– Howwa, men ony nädeýin?
– Äý, şü, on-on bäş gün ýatar ýalyrak etseňem bor. O-da Hudaýyň bir bendesi. Nädeýin…
Bu görgüliňki ýene ýagşy. Nätse-de, dözenok. Käsi dagy «Ýykylsyn!“ diýseň, «Ýok, ölsün!“ diýip tutýar. Näçe beterini tapdygyňça-da, şonça hezil edýärler: «Aldyň, Garagaş ene!“. Be-e, bular ellerinden gelse, ýerem hopduraýjaklar. Ýer hopsa, özleriniňem aman galmajagy azarlaryna däl, diňe «duşmany“ özünden bir dem salym öň gitse, bolýar…
Söýgi adamy ýigdeltse, ýigrenç ony garradýar. Söýgi ony ýaşatsa, ýigrenç ony öldürýär. Şonuň üçinem, adam ýigrenjiniň öňünde duran özüň bolma…
Garagaş ene-de, her müşderisi gelip-gidenden soň, özüni birhili lagşan, öňküsindenem beter garran ýaly duýýar. Üç-dördüsi yzly-yzyna gelen gün-ä gijesine ýatybam bilenok. Iki ýanyna agdarylyp, her agdarylanda-da, «Indi goýaýyn şuny!“ diýýär. Emma, ertesi ýene biri geläýýär, gelýär-de, şeýle bir zeýrenýär welin, Garagaş ene nädip joşanyny bilmän galýar.
– Garagaş en-uw! Çykawer-uw!
Çyksa, Şemmiň aýaly! Daşynda-da, düşdüşiň çagalary ýaly, ejelerine ýelmeşip duran üç-dört sany çülpe.
Wah, Şemminem ýer ýuwutsyn, aýalynam…
Bu är-aýal mydama uruş ýagdaýynda, obada bu ikisini ýaraşdyryp görmedik adam ýok.
– Näme, Aýgözel?
– O meýdi çüýrän-ä ýene urdy, Garagaş ene!
– Ýeri, men nädeýin ursa?

– Şoň bir elini ysmaz ýaly edäýmeseň…
– Jan gelin, beýdişip ýöreniňizden, aýrylyşyp dynaýmazlarmy?
– Dynjak welin, şujagazlar bar-da… Bulary alyp, men nirä baraýyn?
– Onda o bigaýradyň özi gitse bolmaýarmy?
– O-da şeý diýýä-dä, «Gitjek welin, şu çagalar bar-da“ diýýä… Men-ä indi nätjegimi bilemok. Asman uzak, ýer gaty! Doganlarymyňka ýa atam öýüme-de indi barmaga ýüzüm ýok. Özüň bir zat edäýmeseň…
Elbetde, uruşly-galmagally maşgaladan dogan-garyndaşam bizar, dost-ýaram, goňşy-golamam. Iň erbet ýeri, beýle maşgaladan Taňram bizar. Şonuň üçinem, ol maşgala, ol öý Allatagalaň kereminden umydygär bolmasyn!
Şeýle oýlary serden geçiren Garagaş ene uludan demini alyp, başyny ýaýkady:
– Är-aýal urşar, samsygam ara düşer… Meniň size edip biljek zadym ýok, gelin! Özüňiz oňşuň!
– Wah, bize hiç zat etme gerek däl, Garagaş ene! Diňe şo meýit çalarak bir göz görse bolýa… Ynha, bujagaz kökelerem çaý bilenjik iýersiň, Garagaş ene!
Şemmiň aýaly elindäki kiçijik düwünçegi uzatdy. «Köke“ sözüni eşiden çülpeleriň bary birden ýuwdunyşdy.
– Ýok. Ýok, gelin! Onyňy äkit-de, çagalaryňajyk iýdir! Maňa-da azar berme, häzir kän ýarawlygym ýok…
– Bolýa, Garagaş ene, men gidemsoň ýa gowlaşaňsoň diýseňem bolýa!
Garagaş ene diňlemän, içerisine girip gitdi. Ýöne giç öýlänräk daş çyksa, Şemmiň aýalynyň hälki getiren düwünçegi gapynyň agzynda dur.
– Häý, samsyk heleý, häý, darsdaban, häý, ýelni guran… – diýip, Garagaş ene käýindi, – Men aýtdym ahyryn saňa! Seniň är artybyň-a muny çagalaryňa diýip getirendir, ýeri, menem indi muny iýip, seň çagalaryňy ekläp oturan adama gargamalymy? Häý… – Garagaş ene düwünçegi alyp, bada-bat Şemmilere tarap ýola düşdi. Ýolboýy hüňürdäp barýar. – Ýeri, şu wagt siziň biriňize bir zat bolaýsa, ojagaz çagalar näder onsoň, hä?! Şony bir pikir etdiňizmi, samsyklar?! – Garagaş ene öňünden çykýan ýek-tük adamlaryň oýturaklaşyp, hondan aýlanyp geçýänlerinem entek duýanok, görenok, – Gürletseň-ä, «Çägeler, çägeler…“, çagalaryňyzdan bir daşrak etsin päliňizi…
„Çagalar“ diýýän bolsalar, şony bilýän bolsalar, ol ikisi,

belki, beýle gutaran samsygam däldir. Är-aýal agzybir ýaşasa, ikisinde-de üýtgeşik bir akyl bolmaýanda-da, olar il gözüne akylly görünýär. Tersine, agzala är-aýalyň ikisem akylly bolaýanda-da, şol agzalalyk sebäpli, ikisem samsyk görünýär.

Garagaş ene Şemmileriň öýüniň deňine ýetip, sowlaýmaly bolanda, öý tarapdan çykan çirkin sesi eşidip, sakga durdy.

– Waý, ýeteweriň-uw… Waý, şahjagazy döwlen-uw… Nädäýipdir muny? Waý, indi men nädeýin-uw… Waý, arwah kempir, gargyşyň başyňy iýsin-uw! Dogtary çagyryň-uw…

Şol wagt Şemmileriň öýünden bularyň goňşusy elem-tas bolup çykdy. Ol Garagaş enäni görüp, bir tisginen ýaly etdi-de, geçiberjek boldy.

– Näm bolupdyr, gyz?

– Ol… Şemmini öküzleri süsüpdir. Gapyrgalaryny owum-döwüm edipdir diýýä, el degirdenok diýýä…

Garagaş enäniň depesinden dabanyna çenli dyglap gitdi. Ol tas aşak oturypdy. «Men hiç zat diýmändim-ä…“.

– Waý, gargyşyň özüňi tutsun-uw… Gabryňda dik otur, gabryň üstüňden ýollar düşsün-uw…

Garagaş ene düwünçegi gapdaldaky örtügli tamdyryň üstünde goýdy-da, hyrra yza döndi. Ol ýolboýy:

– Men hiç zat diýmedim-ä! Agzymam açmadym-a! Seň Şemmiň meniň ýadyma-da düşenog-a… Gaýtyp, seň diliň meňkidenem beter eken-ä… Äý, seň är artybyňam özünden görsün, öküziň aşagynda nämişleýämiş ol? – diýip, Şemmiň aýaly bilen ‘gürleşip“ barýardy.

Şol wagtam bir ses, ýok, birem däl-de, birtopar ses goşulyşyp:

– Gar-gyş ma-ma, Gar-r-gyş ma-a-ma! – diýip gygyrdy.

Garagaş ene «Kime diýýärlerkä?“ diýip, aýak çeken badyna, gapdaldaky agaçlygyň arasyndan üç-dört sany garabaş atylyp çykyp, ökjäni göterdi. Aňyrrak barybam, heşerlenişip durdular.

«Toba-toba! Menmi? Maňamy? Men bujagazlara näme edipdirin? Çaga diýlen perişdä-de meniň elim-dilim bararmy? Beý diýmäň-ä sizem, ýerçekenler… Gözjagazy agaranlar…“.

Garagaş ene öýlerine barşyna gyşardy. Ol kän ýatdy. Daşardan gelen sese ses bermedi. Halys bihaýalyk edip, öýe girselerem, ol ýatan ýerinden:

– Görýäňiz-ä, men ýok! – diýip, gireniň ýüzüni aldy. Girenem onuň başga-da bir zatlar diýibererinden howatyrlanyp, derrew çykma bilen bolýardy.

«Çagaň tapjak gepi däl bi! Çaga eşidenini aýdýar… Gargyş mama boldummy indi men? Häk, şony kim tapanam bolsa… diýmäýin diýsem! Wah, seniň öküziň hamy Güne serilsin… – Garagaş ene Şemminiň öküzini göz öňüne getirjek boldy. Onuň gözleri dym-gyzyl, şahlaram al-gan bolup göründi. – Toba, toba! Şahyny içinden geçiräýdimikä? Ýok-la, diňe gapyrgasy diýmedimi… Wah, «Ýyldyz süýnse, kapyryň başyna“. Bu-da indi meň boýnuma galyberdimi?“.
Garagaş ene bu hünäri tapynaly bäri şu obada bolan ähli wakalary, ýykylan-sürşenleri, ölen-ýitenleri, ýitiren-giderenleri ýatlady. «Şolaryň baryny indi menden görýärlermikä? Görseler görýändirler. Kimdir birinden görmeseler, bolmaz-a… Wah, Garagaş, eşekçi Garagaş, gep ýassygy Garagaş… Ýeri, bu zatlary saňa Hudaý buýrupmy? Päli azana, urşan-gygyryşana, goňşusyna jort atana ýa biriniň hakyny iýene jeza bermek indi saňa galypmy? Allatagalaň işine bendesiniň goşulmaga haky bir barmy? Bir ýalan sözden bir topar many gözleşip ýören ýeňilkelleleriň göwnüni görjek bolup, sen özüňi ne hala saldyň? Sen özüňi nädäýdiň, Garagaş? Diliňi saklap bilmän, diliň gysga, özüň uýatly bolduň…“.
Garagaş ene iki ýana towlanyp ýatyşyna «Atasy, atasy!“ diýip samrap ugranynam duýman galdy.
Çyny bilen çagyrandyr-da, gijäniň birwagtymy ýa gündiziň bir ýerindemi – geläýdi adamsam.
– Ýagşydan ýaman söz çyksa, geň bolar-ow… – diýip, hiňlenip otyr.
– Wah, sen şeýdip, hiňlenipjik, daşymda aýlanyp ýörseň bolmaýarmy, Kerimberdi! Onda meniň jyňkym çykjakmy! Heleý diýleniň ýaşu-garrysy – ärini görende, pirini gören ýaly bolmazmy?! Sen bolmaňsoň, men başyma gitdim. Orazamy tutup, bäş wagtymy sypdyrman ýörmeli halyma, birtopar gepiň gedaýyna ymam boldum…
– Oraza tutup, agyz bekläp bilmedigiň günäsini, belki, Hudaý geçirse geçirer. Ol rehimlidir! – Adamsy murtuny towlap goýberdi. – Hatda, öz wagtynda arak-şerapdan saklanyp bilmedigiň günäsinem, islese, ötäýer. Ol geçirimlidir! – Adamsynyň sesi gataldy. – Emma, erbet sözlerden, bet pygyllardan berhiz tutmadygyň günäsini welin, ol hiç haçan bagyşlamaz. Ol gazaplydyr!
– Aýalyň akyly çaganyňky ýaly bolany üçin, ýaradan çaga dogurmagy şoňa buýrupdyr, akyly bar adam beýle elhenç azaby

boýun aljakmy…
Garagaş ene bu sözleri näme üçin diýýänine düşünmän, dymdy-da, gözlerini açdy.
Är kaýda –pir kaýda!
Daşarda horaz gygyrýarmy?
Gijäň ýarymyka ýa daňdanmyka? Ýa gündiz gygyryp ýören, ajaly ýeten birimikä?
Bu gijäniň, bu ömrüň beýle uzaklygyny!
«Ötmezek gyz ýaly saklap oturma, Allam! – diýip, Garagaş ýene Hudaýa ýalbardy. – Gawunam öte bişse, ajap ugraýar. Men indi mazaly ajapdyryn. Şol ajymy pürküp oturşym eken şü… Emma, gawunyň ajysy özüni çüýredýändir, adamam öz teninden dörän gurtlar iýýändir. Töhmetçi töhmetden, gybatçy gybatdan ölýändir. Içýanyň başyna iş düşse ýa zäherine çydamasa, öz-özüni sokýandyr. Seniňem bar ýaragyň gargyşyň bolsa, ur özüňe, Garagaş! Il-günüň bir içi sowasyn…“.
Ol atyň dişi ýaly gargyşlaryndan bäş-on sanysyny saýlap tutdy-da, urdy özüne…
Birzaman gözüni açsa, entegem diri!
«Jan diýlen zat beýle binamys eken-ow… Toba, toba! Jan däl-dä, jandardyr ol binamys!“.
Daşardan ýene biri gygyrýar:
– Aý, ene! Garagaş ene!
Garry onuň «Garagaş“ diýýänini ýa «Gargyş“ diýýänini aňşyrjak bolup, fiňşirgendi. Ýok-la, «Garagaş“ diýýän eken. Özem çaga sesi. Agtyklarynyň biri geläýdimikä azaşyp?
Garagaş ene yraň-daraň edip, daş çykdy. Görse, şol gölesi gurruga gaçan goňşusynyň gyzjagazy. Elinde bir çörejik. Özem bir jedirdeýär. Demi-demine ýetenok.
– Garagaş ene, neme-le ejem çörek paýlaýa, şunam size iberdi, öten agşam haýatymyz hakyt o hajathanamyzyň üstüne ýykylaýypdyr. Ejem aýdýa hernä içinde hiçiňiz ýok ekeniňiz diýýä ýöne haýatymyzyň ýykylanyny hiç kime aýtma diýýä. Hajathana-da diýme diýýä. Garagaş ene, näme ýaraňokmy? Ejeme aýdaýynmy? O Äşäň ejes-ä şeý diýýä, Indi Garagaş mama öler diýýä…
– Bolýa, guzym, kabul bolsun! Äşäň ejesine-de aýt, Garagaş ene ölmändir diý!
Öňki-öňkülik bolanda, ol häzir Äşäň ejesinem topa tutardy welin, häzir hiç zat diline gelenok. Topam galmandyr, tophana-da… Özüne güýji ýetmedik adamyň özgä güýji ýetermi!

Gyzjagaz gidensoň, Garagaş ene duran ýerinde, bosagaň üstünde çökdi-de, çöregi maňlaýyna degirdi. Çöregiň ysy burnuna urup, onuň aňyrsynda işdä çalymdaş bir duýgujyk oýardy. Garagaş ene elindäki çörekden dynnym ýaljagyny agzyna salyp, tamşandy. Be, goňşy gelniň eli beýle süýji eken…
Wah, şu wagt biri ýarym okarajyk unaş getirse…
Öň bir tebip: «Şo näsagyňyza iküç çemçe unaşam berip görüň, aňyrsyna ötüribilse, diýmek, umyt barlygydyr“ diýen.
…Adam dirikä, munuň bu dünýäsinden beýle katumyt bolmagam, belki, dürs däldir. Sebäbi, umydy Alla berendir, ony öldürmek bolmaz!
Ertir näme boljagyny kim bilipdir! Ynha, birden ogludyr gelni gelip inäýse, agtyklar bilen… «Biz bilmändiris, biz düşünmändiris!“ diýseler… Öý dolsa… Soň agtyklaryny öýerse, toýda gowy-gowy sözler aýtsa, eşitse… Il-gün, oba bilen ýaraşsa… Ýa-da, ynha, başga bir gowulyk bolup oturyberse! Bolmaz diýibem bolmaz!
Zeýrenju-gargynjam, näme, adam pahyryň öz agyrysyna çydaman tapan zadydyr-da. Derdine dowa tapan günem, o zatlar ýatdan çykar…
Garagaş ene bir düňküldä başyny galdyrdy. Görse, ýene goňşy gyzjagaz ýetip gelýär, elinde bir okara. «Düňk-düňk“ edip biraz ýöreýär-de, okarany ýerde goýup, barmajyklaryny agzyna salýar, ýene ýöreýär.
– Wah, balam, bir zat bilen tutaýsaň bolmadymy?!
– Äý, indi ýakanogam. Ejeme şeý diýdim: «Garagaş ene ýaranok eken“ diýdim. Ejemem şeý diýdi: «Me onda şu towuk çorbany eltip ber içsin“ diýdi. Ýaňyja bişirdim diýdi. Towugam ýaňy öldürdik-dä, gaçýar-ow, men tutup berdim. Hol Şemmi daýylaram şu gün öküzini öldürýämiş. Onuň gapyrgasyny döwäýipdir-dä. Azajyk dogtorda ýatmaly diýipdirler. O-da şeý diýýämiş: «Indi dogtardan çyksam, hiç kim bilen uruşmaryn“ diýýämiş. «Öküzem öldüriň“ diýýämiş. Garagaş ene, ejem «Şuny sowatman içsin“ diýdi, men-ä eýýäm içdimem. Nahary köp iýiberseň ullakan bolýan gerek? Iki sany dişimem ýok. Hol gün şänik döwdüm welin gaçaýdy. Seň dişiň bamy? Dogtara aýtsaň goýup berýär-ä! Garagaş ene! Sen indi hiç kime käýäňok gerek?
– Ýok, gyzym, ýok! Hüfp-ä… çorbaň-a süýji eken. Sag bol, gyzym! Agzyňa guzy diş çyksyn!
Gyzjagaz gözlerini tegeledi:
– Onsoň… onsoň ot iýmelimi?

– Onsoň näme iýseňem bolýa.
– Şänik döwseňem bolýamy?
– Daş döwseňem bolýa.
– Ony dogtar goýup berýämi?
– Ýok, ul-l-lakan bolaňda, özi çykýa.
– Öňküleriň gapdalyndan çykýamy?
– Öňküleriň ilki dökülip gutarýa, anha, meňki ýaly.
Gyzjagaz onuň agzyna gözügidijilik bilen seretdi. «Iller näme diýse-de, Garagaş ene bagtly adam, ynha, tizden neme dişem çykjak. Meňki welin… Ilk-ä ulalmaly, soň mama bolmaly, soň dişiň dökülip, guzy dişlere ýer bermeli… Onuň üçin ýene näçe ýyllar gerek!“.
“Menem kiçijik wagtym, edil şunuň ýaly ekenim. Hiç kime eňek bermezdiň diýerdi ejem pahyr…“
«Äşäň ejesi nämüçin «Oň ýanyna barmaň“ diýýärkä? Men-ä häliden bäri otyryn, hiç zadam bolanok“.
«Hondan biri galgap gelýän ýaly-la. Indi gargyşyň ýerine, belaň okuny alarsyňyz menden…“.
Jyňňyr, jyňňyr!
– Garagaş ene!
Ynha, poçtaçy oglan tigrinden düşüpdir-de, paýapyldan geçip gelýär. Elinde bir bukja. Ernem gulagynda. Ýoluna seredenok. Ol tigri bilen ýantaklaşyp, paýapylyň ortarasyna gelende, birden deňagramlygyny ýitirdimi ýa tigri aýagyna çolaşdymy – başmagallak gaýdarly boldy. Onuň iki ýana yraň atyp durşuny görüp, Garagaş ene gözlerini ýumdy. Emma… ümsümlik!
– Geçdi-mi-i? – diýip, ol birsalymdan pyşyrdap gyzjagazdan sorady.
– Geçdi, Garagaş ene!
Şundan soň bu ikisi bir-birine gezek bermediler:– Hudaýa şükür, Hudaý jana ýüzde-müň şükür-eý, Hudaý diýen ýerim bar eken-eý! Birden başaşak gaýdyberen bolsa, näderdim…
– Mydar bar-a, şeýtdi-de tigrini goýberdi-de, özi böküp geçäýdi…
– …Aýagyny ýa bir ýerini döwdüren bolsa, näderdim…
– …Tigrem ýaba gaçdy. Hol gün menem tas ýykylypdym, Garagaş ene…
– …Äý, senem gözüňe seretseň bolmaýarmy, gözi guran! Men poçtaça diýýän… Ýüregim-dagym ýaryldy, «Häk, ýene bir töhmete galdym-ow!“ diýip…
– Jygyldaýaram-ow ol, tigr-ä döwlendir Mydaryň…

– Wah, döwlen bir tigir bolsun, jan balam! Tigrem tapylar, öküzem, geçem tapylar, göle-de. Adam tapylmaz…
– Biziň gölämizem tapylarmy?
Poçtaçy oglan bolsa, gepe goşulara maý tapman, elindäki bukjany galgadyp, «Hat… agtyk… neme… hat… Gargyş… Garagaş… ene…“ diýip, şol peltekläp dur.
Bu gadymy, bu tükeniksiz, bu aldym-berdimli gürrüňiň arasyna şeýle gelip goşulaýmak aňsatmy! Eliň hatly bolanda-da!
* * *

Aslynda bolsa…
Aslynda welin, gyzjagaz küje, poçtaçy küje, agtyk bilen hat küje! Bularyň bary – oýalykdyr ukynyň, bihuşlukdyr akylyň, hyýal bilen hakykatyň, bu durmuşyň özi ýaly tükeniksiz alasarmyklygyň arasynda Garagaş ene görgüliniň küýsäp-toslap tapan zatlary.
Mundan artyk toslara zat, ýaşara ysgyn-deramat galmansoň, o görgüli şo gije daňdana golaý jan tabşyrdy. Ine, bu welin baryndanam kyn iş eken… Hekaýalar